# Kanagat ülkesi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Kanagat ülkesi KANAGAT ÜLKESI




Seredibermeli, gözläbermeli, ýöne näçe gözleseňem, näçe seretseňem, hatda geografiýanyň suwuny içen bolsaňam, «Kanagat ülkesi» diýilýän ýeri: «Ynha, şu ýerde» diýip, Ýer şarynyň pylanynjy parallelini, belli bir nokadyny görkezip biljek ýok. Çünki ol ýarym şarlardyr fiziki kartada ýa globusda bellige düşýän «ülke» däl. Ol ülke adam oglunyň köňlünde, ýüreginde.
Adamyň geň hem gyzykly, çylşyrymly ýeri-de özünde, töwereginde bar ýa-da bolaýmaly zady hemişe özgelerden, alyslardan bir ýerlerden tapjak bolýanlygynda, agtarýanlygynda.
Näme üçin beýlekä?
Elbetde, adam ogluny ýöntemlikde gönertläsiň gelenok. Aňy juda ösen häzirki zaman adamsyny ýöntem hasaplasaň, geň görerler. Zeminiň o künjündäki dosty ýa tanşy, iş salyşýany bilen

internetleşip, amanlyk-saglyk alşyp, habar tutuşyp ýören türkmen juda uly tizlikde barýan XXI asyryň öňünde diýilse-hä lap edildigi bolar, ýöne deňinde diýilse dogrudyr. Garagumuň jümmüşindäki Sakarçäge, Gamyşly, Sözenli, Damla, Akmolla… ýaly obalardan has uzakdaky öri meýdanlarynda süri-süri dowar yzyndaky bu günki çopan-çoluk hemişeki gar ýassanyp, buz düşenip ýören çopan-çolugyň däl: adam zähmetidir durmuşyny ýeňilleşdirmäge niýetlenen zatlar olar üçinem, aýdylyşy ýaly, eliniň aşagynda. Geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň başlarynda bir işşek berip, şol döwürde maşyn bagşy (patefon) edinen adamy obadaşlary açyş eden ýaly görüpdirler, meşhur bagşylar Hally bagşyny, Kiçi Geldimyratdyr Giçgeldi Amany, Sahy agany, hamala, ýanlarynda oturan ýaly, «hawuny» ýetirip diňläpdirler.
«Kart» ýa «maşyn bagşy» diýlip atlandyrylan patefonyň häli-şindi kütelip duran iňňesini çalyp durmaly bolupdyrlar. Aýdym diňlejegiň çyn bolsa, eýsem nädersiň? Usully iňňe çalyjylar beýle hyzmata mukyt ekenler. Ýogsam, şol wagtlar-da gol doly maly bolmasa-da, obadyr, ilçilikdir, bäşlek-üçlek kel tokluly ýok däldir. Ýöne: «Gaty toýnaklyň biriniň mährinden geçeýin-de, göz gatyryp, şü maşyn bagşyň birini menem edineýin» diýen bolmandyr. Ýok, ol gysgançlygyň işi däl. Onuň sebäbi ýönekeý hem uly: maşyn bagşy syrgynda bir tamdyr bilen oňşulyşy ýaly, diňe eýesine däl-de, tutuş oba hezil beripdir. Bu türkmen saz bar ýerinde ilkagşamdan daň tilkiguýruk bolýança kirpigini kirpigine gatman oturyp bilen türkmen. Dutaryň ýüpeksi owazyna eger-eger, durary bolmandyr. «Pylan ýerde pylan bagşy aýtjakmyş» sesini eşitse, haýdaberipdir. «Gulaklaň bir posuny açaly!» diýip, eňiberer eken. Beýle halk nireden aýdym-sazyna puluny gysganýan bolsun?! Soňky düýesini kitaba çalşan türkmeni gysganç hasaplap bolmaz. Ol tarhandökerligem däl.
Onda näme?
Ruhy jomartlyk diýen bir zat bar. Türkmen, anha, şol! Gulagyny gandyrýan saz, köňül kämilligine hemaýat söz yşkynda oba-oba, il-il aşmaly bolsa-da ýaýdanmandyr. Sazyň, sözüň hatyrasyna harwar-harwar pul seçipdir. Gum içlerine düşen şol maşyn bagşynyň daşy oba öýsaýyn radioly bolýança çolarmandyr. Onsoň maşyn bagşyny üýşüp diňlenilmesini agzybirligiň, kanagatlylygyň alamaty hasaplaýmasaň, başgaça nähili düşündirjek? «Arkalaşan bitirer, ýaňkalaşan ýitirer» pähimi söz owadanlamak däl ahyry! Ol döwrüň gapyrjak radiolarynyň gabarasynyň kiçeňräk sandykçarak bardygyny aýtsaň, lap

edildigi bolmaz. Iki sany lokga, dörtgyraň, birem degirmen daşynyň galyňlygyndaky goltugyňy dolduryp duran batareýa bilen işleýändir. Öýüň daşynda 5-6 metrlik uzynlykda antenna diýilýän gazyk dikilgidir. On bäş-ýigrimi metrlik simiň bir ujy antenna – gazygyň başynda, beýleki ujy radiodadyr. Radionyň arkasyndan jaýyň daşyna ýene bir sim çykaryp, ujuny çuň çukura sallap gömerler. Guramazlyk üçin günde bir kündük suw haky bardyr…
Hälki radionyň nurbatyny çaga güýjüň bilen bir towlarsyň weli, «golç» bolar. Hil bir iş bitiren ýaly, bir-ä öýdäkileriň ýüzüne, birem radionyň ýüzündäki gyzarypjyk duran yşyga seredersiň. Oglan göwni, obada sylanýan Hojaberdi aga aýtmyşlaýyn, ýetmiş iki dilli jadyly gapyrjagyň seýrek zatdygyndanmy, nämemi, öýüň h-o-o-l töründe ýüzin düşüp ýatansyň. Jadyly gapyrjak bolsa, gyzylja gözüni gyrpyp, saňa düşnüksiz zatlaryň gürrüňine gümradyr. Aram-aram aýdym-saza gezek ýeter. Şonuň ýaly wagtlar Hojaberdi aganyň ýörite gelip, diňläp gitmesi bardy. Girman bagşy aýdaýsa dagy, täsirinden çykyp bolýan däldir-dä, gaýdyp barýarka-da:
– Häk, şü Girman bagşy bagşy dagy däl-ow! – diýer barardy. Aýagy gowaldaň çokaýly, çybşyldap barşyna tabşyrmagy-da unudýan däldir. «Heran-haçan, «şelepli durna» tutanda, sesini galdyraweriň!» diýer.
Sylanýan adamyň sözem kanun ýaly bolar eken. Ondan çykyp biljek gümanyň ýok. Her gezek:
– Wah, iki durnam hemdem bolar
hemişe, jan-eý, jan-eý, hemişe,
Çekiler sähraga, wah,
barmaz gamyşa-a,
şo durnanyň perin gaplaň kümüşe,
Saýrasa gök öwser teli durnanyň! –
diýende, gojanyň bolşuny geňirgenmämiziň oglantaklygyň oýnudygyna soň-soňlar düşünip galdyk. «Çekiler sähraga, wah…» diýende dagy goja niçiksi agras görünse-de, bagşynyň gapdalyndan burnuna salybrak hiňlenibererdi. Beýle aýdymlar ýürege joşgun, süňňüne ýeňillik berýän bolarly. Eýsem näme, aýdym aýdym ýaly bolanda, onuň oýunlary kän. şu gadymy halkyň juda jomart ruhy ýaýlasyndan gaýdýan sazy, sözi, ýol-ýörelgesi… kanagat ülkesini giňeldýän bolarly. Könelmez könäniň hemişe bazarlylygy nähili gowy!
Ýekeje mysal.

Ak bugdaý etrabynyň uzak gum içindäki Diňli obasynda ýaşap geçen Paşşy Hojaguly çarwa adamdy. Ömrüni, aýdylyşy ýaly, mal yzynda çöp gujaklap geçiren. Duldegşir goňşy bolansoň, häli-şindi kakamyň ýanyna gürrüňçilige gelegen Paşşy aga bir gezek şeýle diýipdi:
– Çekenämizde ýat mal bar. Tutar gulagy uç alyk bilen goşa kese tagmaly. Iki ýyl boldy indi… Sorag-ideg etdik. Eýe çykýan ýok. Çebşiniň çebşi owlaklap ýör. Köpelip barýa…
Ýaşulyny ynjalykdan aýyrýan zat çekenesine goşulan ýeke geçiniň köpelip barýanlygy däldi. Onuň biynjalyk bolýan ýeri ýat malyň eýesiniň üstünden baryp bolmaýanlygydy. Amanat, onda-da dilenip alynmadyk amanat eýesine gowuşsa gowy. «Ýeke geçidir-dä, ozalynda azara galyp saklap, bakyp, eýesini gözläp ýörmek nä görgüsinekä?» diýilmegi-de, ähtimal. Anha, Paşşy aga şeýle ähtimallygy kes-kelläm halanokdy. Onuň şeýtmesinden ynsabyň, halallygyň, kanagatyň ysy gelýär. Kanagat – ýöne kaýyllyk däl. Ol – hakyňa kaýyllyk. Ata-babalar «Kanagata – bereket» diýipdirler. Türkmeniň ady dünýä dolan akyldary Magtymgulynyň kanagatyň suratyny çekişi aýryrak:
– Magtymguly, garyp göwnün
baý edip,
Kanagat ülkesin bende jaý edip…
Kanagat ülkesi!
Ol her kesiň özünde. Eger sen ol ülkeden bolsaň, oňa özüň han, özüň soltan. Onuň serhetleri bar. Serhetçisi weli, ýene-de özüň.
Kanagat ülkesiniň araçäk sütünleri – Tebähet hem Halallyk. Ýazylmadyk kanunlar bilen arkama-arka ýaşalyp gelnen ol ülkede niýet-päl sähel kirjikse bildirýän kamys ýaly arassa bolmaly. Kanagat ülkesiniň araçäk sütünleriniň berkligi-de şoňa bagly. Bu gadymy halk heniz nebsi öňüne düşen bir kesi tebähetsiz, tebähedi öçen hasaplapdyr. Kanagaty gideni halaýan barmy? Döwlet derejesinde-de, il içinde-de beýle adamlaryň ýüzünden sypalanok. Halkyň, döwletiň eýeçiligine batyrnan wezipeli-wezipesiz, kim bolanda-da suwuna degmek degilýär. Eli bilen edeni egni bilen çekdirilýär.
Gözüňe-başyňa döneýin, Kanagat! Kanagat ülkesi! Nähili ýakymly, neneňsi owadan! Doga däl, ýöne doga edinip dakynaýsaň-da bolman durjak däl ýaly. Aýdym diýseň, aýdymdan gysga, ýöne owazly. Goşgy diýseň goşgy däl, emma kitap-kitap goşgulyk söz.

Ýogsa-da, özüňizem kanagatlylardan bolsaňyz gerek. Bildimmi? Kanagat! Kanagat ülkesi! Obamyzda 80 dagy ýaşap geçen Annanabat ejäniň juda käýinmeli ýerinde-de oňa derek: «Köki ýaýramyşlar» diýşi ýaly, köküňiz ýaýrasyn, kanagatlylar!

Gurbanmämmet ÝEGENMYRADOW,

publisist. Publisistika